# TÜRKMENISTANYŇ
# “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET
# TÄJIRÇILIK BANKY

2017-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylynyň

**Maliýe hasabatlylygy**

# TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## MAZMUNY


| | Sahypa |
|---|---|
| ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY: | 2 |
| GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY | 3-6 |
| 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGY: | |
| Jemlenen girdeji barada hasabat | 7 |
| Maliýe ýagdaýy barada hasabat | 8 |
| Maýa görkezijileriň üýtgemegi bilen bagly hasabat | 9 |
| Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat | 10-11 |
| Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler | 12-57 |

## TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2017-nji ÝYLYŇ 31- nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY

Garaşsyz auditorlaryň borçlarynyň beýany bilen bilelikde seredilmeli aşakda getirilen tassyklama Türkmenistanyň “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik bankynyň (mundan beýläk “Bank” diýip atlandyrylýar) maliýe hasabatlylygyna degişlilikde garaşsyz auditorlaryň we Bankyň ýolbaşçylarynyň jogapkärçiligini aýdyňlaşdyrmak maksady bilen düzülýär.

Bankyň ýolbaşçylary Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (mundan beýläk “MHHÜ” diýip atlandyrylýar) laýyklykda 2017-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin Bankyň maliýe hasabatlylygyny ähli möhüm jähtlerde aýdyňlaşdyrýan Bankyň maliýe ýagdaýyny, işiniň netijelerini, pul serişdeleriniň hereketini we Bankyň maýa görkezijileriniň üýtgemelerini görkezýän maglumatlarynyň dogrylylygy barada jogap berýär.

Maliýe hasabatlylygy taýýarlananda Bankyň ýolbaşçylary şu aşakdakylara jogapkärçilik çekýär:

- buhgalter hasabynyň degişli ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagyna we olaryň yzygider ulanylmagyna;
- esaslandyrylan bahalaryň we hasaplaşyklaryň ulanylmagyna;
- MHHÜ talaplarynyň berjaý edilmegine;
- maliýe hasabatlylygy taýýarlanylanda, bikanun bolup durýan ýagdaýlaryndan başga, ýakyn gelejekde Bank öz iş hereketini dowam etdirer diýip çaklamasyna görä.

Ýolbaşçylar şu aşakdakylara hem jogapkärçilik çekýär:

- Bankda içerki gözegçilik ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak hem-de bu ulgamyň işleýşini netijeli we ygtybarly üpjün etmek;
- islendik pursatda Bankyň maliýe ýagdaýy barada maglumatlary ýeterlik takyklyk derejesinde taýýarlamaga we maliýe hasabatlylygyny MHHÜ talaplaryna laýyklygyna ýöretmäge mümkinçilik berýän buhgalterçilik hasaba almak ulgamynyň alnyp barylmagynyň goldawyna;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna we buhgalterçilik hasaba almak standartlaryna laýyklykda Bankyň buhgalterçilik hasaba almak işleriniň alnyp barylmagyna;
- Bankyň aktiwleriniň gorap saklanmagyny üpjün etmekde, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli çäreleriniň görülmegine; we
- galplyklaryň, ýalňyşlyklaryň, berlen ygtyýarlykdan kanunsyz peýdalanylmagy we beýleki bidüzgünçilikleriň ýüze çykarylmagyna we olaryň öňüni alynmagyna.

2017-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyň maliýe hasabatlylygy Bankyň ýolbaşçylary tarapyndan 2018-nji ýylyň 14-nji maýynda tassyklanyldy.

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

| | |
|---|---|
| **Ahmet Gylyçdurdyýew**<br>**Müdiriýetiň Başlygy** | **Ogulşeker Sarjaýewa**<br>**Baş buhgalter** |
| 2018-nji ýylyň 14-nji maýy<br>Aşgabat ş., Türkmenistan | 2018-nji ýylyň 14-nji maýy<br>Aşgabat ş., Türkmenistan |

## GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY

Türkmenistanyň "Türkmenbaşy" döwlet täjirçilik bankynyň ýolbaşçylaryna:

**Maliýe hasabatlylygyna auditoryň şertli bellikli kanagatly baha bermegi**

[1] Biz Türkmenistanyň "Türkmenbaşy" döwlet täjirçilik bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) maliýe hasabatlylygynyň goşulýan nusgasynyň auditini geçirdik. Bu hasabat özüne 2017-nji ýylyň dekabr aýynyň 31-i gününe degişli bolan bankyň maliýe ýagdaýy barada hasabaty, bellenilen senede tamamlanan ýyl boýunça peýda we ýitgiler we gaýry jemlenen girdeji barada hasabaty, maýa görkezijileriň üýtgemegi we pul serişdeleriniň hereketi bilen bagly degişli hasabatlary, şeýle hem maliýe hasabatlylygyna bellikleri, şol sanda hasaba alyş syýasatynyň esasy düzgünnamalary barada gysgaça maglumaty öz içine alýar.

[2] Biziň pikirimizçe, [3]-nji we [4]-nji maddalarda aýan edilen düzedişleriň täsirinden daşary, şu maliýe hasabatlylygy 2017-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna ähli möhüm jähtlerde Bankyň maliýe ýagdaýyny, şeýle hem Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine ("MHHÜ") laýyklykda bellenilen senede tamamlanan ýylyň maliýe işleriniň netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezýär.

**Aýdyňlaşdyryjy bellikli çözgüt üçin esas**

[3] 16-njy maddada aýan edilşi ýaly Bank esasy serişdelere gaýtadan baha bermegi amala aşyrdy. 2017-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna bazar (adalatly) bahasyna düzedişiň möçberi 17,458 müň manada (2016-njy ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna 17,799 müň manada) deň boldy. Bu gaýtadan baha bermeklik Türkmenistanyň Maliýe Ministrligi tarapyndan kesgitlenilen indeksleriň ulanylmagy bilen geçirildi, we biziň pikirimizçe 16 MHHÜ-nyň (IAS) "Esasy serişdeler" we 13 MHHÜ-nyň (IFRS) "Bazar (adalatly) bahany bahalandyrmak" boýunça talaplaryny kanagatlandyrmaýar. MHHÜ-i bilen bu talaba laýyk gelmezlikligiň täsirini kesgitlemek üçin goşmaça audit işlerini geçirmeklik mümkin däldi, şonuň üçin biziň bu talaba laýyk gelmezligiň maliýe hasabatlylygynda bellenilen esasy serişdeleriň bahasyna, gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyklara, könelmeklige we paýlanylmadyk peýda täsirini kesgitlemäge mümkinçiligimiz bolmady.

[4] 2010-njy ýylda "Türkmenhimiýa" Döwlet konserni we "Belgorhimprom" Açyk paýdarlar jemgyýetiniň (APJ) arasynda kalili dökünleri öndürýän zawody gurmak boýunça kontrakt baglaşyldy. Bank döwlet maksatnamasynyň çäklerinde bu kontraktyň umumy möçberiniň bir bölegini Türkmenistanyň Merkezi Bankyndan alan serişdelerinden goýberdi. Bu kontraktyň çäklerinde Bankyň we "Türkmenhimiýa" Döwlet konserniň arasynda umumy möçberi 550,000 müň ABŞ dollaryna deň bolan iki sany karz şertnamalary baglaşyldy. Öz gezeginde Bankyň we Türkmenistanyň merkezi bankynyň arasynda Banka ýokarda agzalan möçberdäki pul serişdelere deň bolan zaýomy bermeklik barada iki sany şertnama baglaşyldy. Hasabat senesi ýagdaýyna müşderiden alynmaly hasaplanan göterimleriň möçberi we TMB-na tölenmeli serişdeleriň möçberi degişlilikde, 193,628 müň manatdan we 131,668 müň manatdan ybaratdyr. Hasabat senesi ýagdaýyna hasaplanan göterimleriň fakta esaslanan tölemeleriniň başlangyç senesiniň belli däldigine baglylykda bu bergiligiň amortizirlenen bahasyny hasaplamaklyk mümkin däldir.

Hasabat senesi ýagdaýyna Bankyň karz bukjasynda döwlet kompaniýalaryna 573,030 müň manat möçberinde berlen birnäçe karzlary bar, olar boýunça üzüliş möhleti 2017-nji ýylda geçdi. Şu karzlaryň Prezidentiň Kararlary boýunça berlendigi sebäpli, şu karzlary uzaltmak amallary kynlaşdyryldy we goşmaça wagty talap edýär. Şu karzlar Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alnan serişdelerden

uglewodorod pudagyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasynyň çäklerinde berildi. Şunda, şu taslamalaryň çäklerinde iki karz şertnamasy düzülýär: 1) Bank bilen müşderiniň arasynda we 2) Bank bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň arasynda. Şeýle hem hasabat senesi ýagdaýyna Bankyň maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda şu karzlar boýunça möhleti geçen göterimleriň galyndysy bar. Hasabat senesi ýagdaýyna Bank 89,430 müň manat möçberinde şu karzlaryň hümmetsizlenmegi üçin ätiýaçlygy döretdi.

Bizde şu karzlar boýunça hümmetsizlenmegi üçin ätiýaçlyklaryň möçberiniň barabarlygyna degişlilikde ýeterlik talaba laýyk auditor subutnamalary almaga mümkinçilik bolmady. Degişlilikde, şu karzlaryň hümmetsizlenmegi üçin ätiýaçlygyň möçberiniň haýsydyr düzedişleriniň gerekdigini ýa-da däldigini kesgitlemäge mümkinçilik bolmady, çünki Bankyň maliýe hasabatlylygyna agzalan ýagdaýlaryň mukdarlaýyn baha berilmegi biziň tarapymyzdan ýeterlik ygtybarlylyk derejesi bilen amala aşyrylyp bilinmez.

[5] Biz audity Audityň halkara ülňülerine (“AHS”) laýyklykda geçirdik. Biziň bu ülňülere laýyklyk borçlarymyz aşakda getirilen çykaran netijämiziň “Maliýe hasabatlylygynyň audity boýunça auditoryň jogapkärçiligi” atly bölüminde beýan edilýär. Biz Buhgalterlaryň ahlak kadalary boýunça halkara ülňüleriniň Geňeşiniň (“BEHÜG Kodeksy”) “Professional buhgalterlaryň ahlak kadalary kodeksyna” we Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynyň audity boýunça alyp barýan işlerimize degişli ahlak talaplaryna laýyklykda Bankdan özbaşdak bolup durýandyrys. Biz bu talaplara we BEHÜG Kodeksyna laýyklykda beýleki ahlak kadalar boýunça borçlary ýerine ýetirdik. Biziň pikirimizçe, bu alnan auditor subutnamalarymyz bellikli çözgüt üçin ýeterlikli we degişlii esas bolup durýar.

**Islendik aspekta ünsi çekiji paragraf**

[6] Şertli bellikleri göz öňünde tutmazdan, Siziň ünsüňizi 25-nji Madda çekýäris. Türkmenistanyň Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda Bank girdejili bolup durýar we onuň paýlanylmadyk peýdasynyň hasaplary boýunça oňaýly balansy bar. Bank ýylyň dowamynda paýlanylmadyk peýdasynyň bölegini esaslyk maýasynyň yglan edilen derejesine ýetmek üçin maýalaşdyrýar. Bank Türkmenistanyň kanunlaryna doly laýyklykda hereket edýär. Şu maliýe hasabatlylygynda Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary we Türkmenistanyň Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary boýunça käbir amallara baha bermegiň ugurlarynda aratapawutlaryň bolmagy sebäpli, Bankyň paýlanylmadyk peýdasynyň hasabynda oňaýsyz galyndy bar.

[7] 2017-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna 13-nji we 31-nji maddalarda Bank tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kesgitlän käbir normatiwleri berjaý edilmeýär, ol bolsa ýaramaz netijelere getirip biler. Biz şu deň gelmezligiň täsir ediş effektine, şeýle hem döwlet edaralarynyň tarapyndan bolaýmagy mümkin hereketlere we maliýe hasabatlylygyna mümkin täsire baha berip bilmedik.

**Gaýry aspektler**

[8] Bu hasabat, auditoryň çözgüdini hasaba almak bilen, Bankyň ýolbaşçylaryna diňe maglumat hökmünde we işde ulanmak üçin niýetlenendir. Başga hiç hili maksatlar üçin niýetlenmedik, diňe audit çözgüdine gerekli bolan ähli maglumatlary bermek maksady bilen kanunçylyk tarapyndan ygtyýar edilen iň gowy derejede geçirilen audit amala aşyryldy. Biz bu hasabatdaky maglumatlaryň başga maksatlar üçin ulanylmagyna jogapkärçiligi çekmeýäris.

**Bankyň ýolbaşçylarynyň we korporatiw dolandyryşa jogap berýän adamlaryň maliýe hasabatlylyk boýunça çekýän jogapkärçiligi**

[9] Ýolbaşçylar bellenen maliýe hasabatlylygynyň MHHÜ laýyklykda taýýarlanylmagyna we dogry maglumatlaryň berilmegine we yhlassyz edilen işleriň we ýalňyşlyklaryň netijesinde emele gelýän düýpli üýtgemeleri öz içine almaýan, ýolbaşçylar tarapyndan bu maliýe hasabatlylygyny taýýarlamak üçin zerur bolýar diýip hasap edilýän içki gözgçilik ulgamyna jogapkärçilik çekýärler. Bu maliýe hasabatlylyk taýýarlananda ýolbaşçylar guramany ýapmak hyýallanan ýagdaýyndan, onuň işini ýatyrmak ýa-da ol guramany ýapmak ýa-da onuň işini ýatyrmakdan başga olarda hiç bir alternatiwa bolmadyk ýagdaýlarydan başga halatlarda, ýolbaşçylar Bankyň öz alyp barýan işini üznüksiz dowam etdirmeklige

baha bermek başarjaňlygyna, degişli ýagdaýlarda üznüksiz iş alyp barmaklyk üçin degişli bolan maglumatlary açyp görkezmeklige we üznüksiz iş ýörelgesini buhgalterçilik hasabatynyň esasy hökmünde ulanmaklyga jogapkärçilik çekýärler. Korporatiw dolandyryşa jogap berýän adamlar Bankyň maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanyş işine gözegçilik etmeklige jogapkärçilik çekýärler.

**Maliýe hasabatlylygynyň audity boýunça auditoryň jogapkärçiligi**

[10] Biziň maksadymyz maliýe hasabatlylyk yhlassyz edilen hereketleriň ýa-da ýalňyşlyklaryň netijesinde möhüm ýalňyşlyklary öz içine almaýanlygy barada laýykatly ynamlylygy almak we biziň pikirimizi öz içine alýan auditoryň netijesini çyrmaklykdyr. Laýykatly ynamlylyk ýokary derejedäki ynamlylyk bolup durýar. Emma AHS laýyklykda geçirilen audit hasabatlylygyň düzüminde bar bolan möhüm ýalňyşlyklary ähli halatlarda ýüze çykarar diýen kepilnamany bermeýär. Ýalňyşlyklar yhlassyz hereketleriň ýa-da ýalňyşlyklaryň netijesi bolup bilerler we möhüm diýip hasaplanýarlar haçan-da olar aýratynlykda ýa-da bilelikde laýykatlygyň esasynda bu maliýe hasabatlylygy ulanyjylaryň çykarjak ykdysady çözgütlerine täsir edip biler diýip çak edilende.

[11] Biz AHS laýyklykda geçirilýän audityň çäklerinde kär (professional) pikirleri ulanýarys we auditor barlagynyň alnyp barylmagynyň dowamynda kär (professional) skeptisizmi saklaýarys.

Mundan başga-da biz aşakda agzalanlary ýerine ýetirýäris:

- yhlassyz hereketleriň we ýalňyşlyklaryň netijesinde emele gelýän maliýe hasabatlylygynyň möhüm üýtgeme töwekgelçiliklerini ýüze çykarmaklygy we olara baha bermekligi; bu töwekgelçilikleriň garşysyna auditor kadalaryny işläp taýýarlamaklygy we geçirmekligi; biziň pikirimizi aýan etmekde esas hökmünde hyzmat edýän ýeterlikli we degişli bolan auditor subutnamalary almaklygy. Yhlassyz hereketleriň netijesinde emele gelen möhüm üýtgemäni ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiligi ýalňyşlygyň esasynda emele gelen möhüm üýtgemäni ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiliginden ýokarydyr. Sebäbi yhlassyz hereketler özara ylalaşygy, galplylygy, maglumatlary bilgeşleýin şöhlelendirizilmegi ýa-da berlenleriň nädogry berilmegini ýa-da içki gözegçilik ulgamyna boýun gaçyrýan hereketleri öz içine alyp bilerler;
- Bankyň içki gözegçilik ulgamynyň netijeliligi barada pikiri aýan etmek maksady bilen däl-de, şertlere laýyk gelýän auditor çärelerini işläp taýýarlamak üçin audit bilen bagly bolan içki gözegçilik ulgamyny düşünmekligi gazanmaklygy;
- ýöredilýän hasabat syýasatyna degişli häsiýetli baha berýäris we baha berilýän ululyklaryň esaslylygy hem-de ýolbaşçylar tarapyndan taýýarlanan maglumatlary açyp görkezmeklige baha bermekligi;
- ýolbaşçylar tarapyndan buhgalterçilik hasabynyň esasy hökmünde işiň üzünüksiz alnyp barylmagy çaklamasynyň kanunylygy barada netijäni emele getiririlmegini; alnan auditor subutnamalaryň esasynda bolsa – wakalar ýa-da ýagdaýlar bilen bagly we olaryň netijesinde Bankyň öz alyp barýan işini üznüksiz dowam etdirmeklige başarnyklygy boýunça möhüm şübhelik döräp biljek wajyp kesgitsizligiň barlygy ýoklygy barada netijäni çykarmak. Haçan-da biz wajyp kesgitsizligiň barlygy barada netijä gelenimizde, çykarýan auditor netijämizde maliýe hasabatlylygynda açylyp görkezilýän degişli maglumata ünsi çekmelidiris, ýa-da eger olar ýaly maglumatyň açylyp görkezilmegi ýeterlikli bolmadyk ýagdaýynda biz pikirimizi modifisirlemeli. Biziň çykarýan netijelerimiz biziň auditor netijämiziň çykarylmagynyň senesinden öň alnan auditor subutnamalaryna esaslanýar. Emma geljekki wakalar we ýagdaýlar Bankyň öz işini üznükzsiz alyp barmaklyk ukybyny ýitirmeklige getirip biler;
- maliýe hasabatlylygynyň berilmegine, onuň gurluşyna we düzümine, şol sanda maglumaty açyp görkezmeklige umumy bahany bermekligi. Şeýle hem bu maliýe hasabatlylygyň düzümine girýän amallar we wakalar barada dogry maglumatyň berilmegini gazanmaklyga baha bermekligi.

[12] Biz korporatiw dolandyryşa jogap berýän adamlar bilen habar beriş özara gatnaşygy amala aşyrýarys we audityň meýilleşdirilen göwrümi we ýerine ýetirilmeli möhleti hem-de auditoryň ünsüni özüne çeken wajyp soraglar barada maglumaty, şol sanda audit çäreleriniň ýerine ýetirilmegimiziň netijesinde ýüze çykýan içki gözegçilik gullugynyň möhüm ýetmezçiliklerini olaryň dykgatyna ýetirýäris.

[13] Şeýle hem biz korporatiw dolandyryşa jogapkärçilik çekýän adamlaryň adyna beýannama taýýarlaýarys. Ýagny, biz garaşsyzlyga degişli ähli degişli ahlak kadalarynyň talaplaryny berjaý edenimiz barada we ähli gatnaşyklar we auditoryň garaşsyzlygyna delil täsir edýär diýen gaýry soraglar barada, zerur ýagdaýlarda bolsa – ähli degişli ätiýaçlyk çäreleri barada maglumaty olaryň dykgatyna ýetirlenligimiz barada.

Konstantin Şkendra,

ICS Baker Tilly Klitou and Partners SRL
Kişinýow, Moldowa
2018-nji ýylyň 14-nji maýy

## TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ JEMLENEN GIRDEJISI BARADA HASABAT

*(müň türkmen manatda)*

| | Madda | 2017 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2016 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri | 4 | 608,432 | 433,265 |
| Göterim çykdajylary | 4 | (352,134) | (251,104) |
| GÖTERIMLERI HASAPLANÝAN AKTIWLERIŇ HÜMMETIŇ GAÇMAGYNYŇ ÖŇÜNI ALMAKLYGYŇ ÄTIÝAÇLYKLARYNYŇ EMELE GETIRILMEGINDEN ÖŇ ARASSA GÖTERIM GIRDEJISI | | 256,298 | 182,161 |
| Göterimleri hasaplanýan aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlyklarynyň emele getirilmegi | 13 | (115,633) | (37,305) |
| ARASSA GÖTERIM GIRDEJI | | 140,665 | 144,856 |
| Hyzmat haky girdejileri | 5 | 73,149 | 61,837 |
| Hyzmat haky çykdajylary | | (417) | (460) |
| Daşary ýurt walýutasy bilen geçirilen amallar boýunça sap peýda | 6 | 1,427 | 3,054 |
| Gaýry amaly girdejiler | 7 | 7,110 | 7,041 |
| Gaýry amaly däl çykdajylar, netto | 8 | (15,984) | (13,573) |
| ARASSA GÖTERIM DÄL GIRDEJILER | | 65,285 | 57,899 |
| Amaly çykdajylar | 9 | (65,641) | (65,109) |
| PEÝDA SALYNÝAN SALGYTDAN ÖŇKI PEÝDA | | 140,309 | 137,646 |
| Peýda salgydy | 10 | (33,444) | (50,216) |
| ÝYLLYK PEÝDA | | 106,865 | 87,430 |
| Gaýry jemlenen girdeji | | - | - |
| UMUMY JEMLENEN GIRDEJI | | 106,865 | 87,430 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

| | |
|---|---|
| **Ahmet Gylyçdurdyýew** | **Ogulşeker Sarjaýewa** |
| **Müdiriýetiň Başlygy** | **Baş buhgalter** |
| 2018-nji ýylyň 14-nj maýy | 2018-nji ýylyň 14-nji maýy |
| Aşgabat ş., Türkmenistan | Aşgabat ş., Türkmenistan |

12-57-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda getirlendir.

## TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRY ÝAGDAÝYNA
### BANKYŇ MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABATY
*(müň türkmen manatda)*

| | Madda | 2017 ý. 31-nji dekabry | 2016 ý. 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|
| **AKTIWLER** | | | |
| Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri | 11 | 995,280 | 810,430 |
| Banklardaky serişdeler | 12 | 497,171 | 451,719 |
| Müşderilere berlen karzlar | 13 | 12,889,159 | 10,942,945 |
| Bergileri ýapmak üçin saklanýan maliýe aktiwler | 14 | 29,400 | 29,293 |
| Satuwa ýaramly maýa goýumlar | 15 | 17,525 | 19,775 |
| Esasy serişdeler | 16 | 91,061 | 95,691 |
| Maddy däl aktiwler | 17 | 3,094 | 3,476 |
| Maýa goýum eýeçiligi | 18 | 10,888 | 9,602 |
| Gurluşyga berlen hakujy tölegler | 19 | 83,369 | 80,817 |
| Gaýry aktiwler | 20 | 68,404 | 58,942 |
| AKTIWLERIŇ HEMMESI | | 14,685,351 | 12,502,690 |
| **BORÇLAR WE BANKYŇ MAÝASY** | | | |
| BORÇLAR: | | | |
| Banklaryň we beýleki maliýe edaralaryň serişdeleri | 21 | 393,955 | 663,518 |
| Müşderileriň serişdeleri | 22 | 4,416,804 | 3,996,683 |
| Alnan karzlar (zaýom) | 23 | 9,173,302 | 7,285,469 |
| Alnan hakujy tölegler | | - | 58 |
| Gaýra goýlan salgyt borçlary | 10 | 103,938 | 70,494 |
| Gaýry borçlar | 24 | 17,692 | 13,673 |
| | | 14,105,691 | 12,029,895 |
| BANKYŇ MAÝASY: | | | |
| Esaslyk maýa | 25 | 582,000 | 456,000 |
| Esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň ätiýaçlygy | | 17,458 | 17,799 |
| Paýlanylmadyk peýda | | (19,798) | (1,004) |
| | | 579,660 | 472,795 |
| JEMI BORÇLAR WE BANKYŇ MAÝASY | | 14,685,351 | 12,502,690 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

| | |
|---|---|
| **Ahmet Gylyçdurdyýew** | **Ogulşeker Sarjaýewa** |
| **Müdiriýetiň Başlygy** | **Baş buhgalter** |
| 2018-nji ýylyň 14-nji maýy | 2018-nji ýylyň 14-nji maýy |
| Aşgabat ş., Türkmenistan | Aşgabat ş., Türkmenistan |

12-57-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda getirlendir.

## TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

### 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ BANKYŇ MAÝA GÖRKEZIJILERINIŇ ÜÝTGEMEGI BILEN BAGLY HASABATY

*(müň türkmen manatda)*

| | Madda | Esaslyk maýa | Esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň ätiýaçlygy | Paýlanylmadyk peýda | Jemi maýa |
|---|---|---|---|---|---|
| 2015-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 25 | 343,000 | 18,161 | 24,204 | 385,365 |
| **Jemlenen girdeji** | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | 87,430 | 87,430 |
| Esasy serişdeleriň gaýtadan bahalandyrylmagyny paýlanylmadyk peýdanyň hasabyna geçirmek | | - | (362) | 362 | - |
| **Ýyllyk jemlenen girdeji** | | - | (362) | 87,792 | 87,430 |
| **Eýeçiler bilen geçirilen amallar** | | | | | |
| Esaslyk maýanyň köpelmegi | | 113,000 | - | (113,000) | - |
| **Jemi eýeçiler bilen geçirilen amallar** | | 113,000 | - | (113,000) | - |
| 2016-njy ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 25 | 456,000 | 17,799 | (1,004) | 472,795 |
| **Jemlenen girdeji** | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | 106,865 | 106,865 |
| Esasy serişdeleriň gaýtadan bahalandyrylmagyny paýlanylmadyk peýdanyň hasabyna geçirmek | | - | (341) | 341 | - |
| **Ýyllyk jemlenen girdeji** | | - | (341) | 107,206 | 106,865 |
| **Eýeçiler bilen geçirilen amallar** | | | | | |
| Esaslyk maýanyň köpelmegi | | 126,000 | - | (126,000) | - |
| **Jemi eýeçiler bilen geçirilen amallar** | | 126,000 | - | (126,000) | - |
| 2017-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 25 | 582,000 | 17,458 | (19,798) | 579,660 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Ahmet Gylyçdurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2018-nji ýylyň 14-nji maýy
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Ogulşeker Sarjaýewa**
**Baş buhgalter**

2018-nji ýylyň 14-nji maýy
Aşgabat ş., Türkmenistan

12-57-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda getirlendir.

# TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY

*(müň türkmen manatda)*

| | Madda | 2017 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2016 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| **AMAL IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Peýda salgydy boýunça çykdajylaryň hasaba alynmagyndan ozalky peýda | | 140,309 | 137,646 |
| Aşakdakylara düzedişler: | | | |
| Arassa göterim girdejisine | | (256,298) | (182,161) |
| Göterimleri hasaplanýan aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlygyndaky herekete | 14 | 115,633 | 37,305 |
| Esasy serişdeleriň könelmesine we maddy däl aktiwleriň amortizasiýasyna | 16,17 | 6,680 | 6,069 |
| Gaýry aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlygyndaky herekete | 20 | 1,998 | 2,855 |
| Ulanylmadyk zähmet rugsatlary boýunça ätiýaçlyklardaky herekete | 9 | 234 | (51) |
| Daşary ýurt walýutasy bilen amallar boýunça hümmet (kurs) tapawudyna | 6 | (23) | 41 |
| Amal aktiwlerindäki we borçlaryndaky üýtgemelerinden ozalky amal işinden pul serişdeleriniň hereketi | | 8,533 | 1,704 |
| Amal aktiwlerindäki we borçlaryndaky üýtgemeler: | | | |
| Müşderilere berlen ssudalaryň köpelmegi | | (1,588,792) | (3,663,244) |
| Gurluşyga berlen hakujy tölegleriň köpelmegi | | (2,552) | (17,109) |
| TMB-daky hökmany ätiýaçlyklaryň köpelmegi | | (36,068) | (53,052) |
| Gaýry aktiwleriň köpelmegi | | (11,234) | (14,234) |
| Banklaryň we beýleki maliýe edaralaryň tölеglerine serişdeleriň (azalmagy)/köpelmegi | | (269,563) | 661,836 |
| Müşderileriň serişdeleriniň köpelmegi | | 392,101 | 635,820 |
| Alnan hakujy tölegleriň azalmagy | | (58) | (64) |
| Gaýry borçlaryň köpelmegi/(azalmagy) | | 3,785 | (2,004) |
| Salgyt salynmadan öň geçirilýän amal işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň yzyna gaýtmagy | | (1,503,848) | (2,450,347) |
| Alnan göterimler | | 135,270 | 143,642 |
| Tölenen göterimler | | (220,723) | (212,174) |
| Peýda salgydy, tölenen | | - | (25,000) |
| Amal işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň arassa yzyna gaýtmagy: | | (1,589,301) | (2,543,879) |

# TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## 2017-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY (DOWAMY)

*(müň türkmen manatda)*

| | Madda | 2017 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2016 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| **MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esasy serişdeleriň satyn alynmagy | 16 | (2,965) | (11,179) |
| Maddy däl aktiwleriň satyn alynmagy | 17 | (90) | (339) |
| Bergileri ýapmak üçin saklanýan maliýe aktiwleriň satyn alynmagy | | - | (28,000) |
| Satuwa ýaramly maýa goýumlary satmakdan düşewüntler | | 2,292 | - |
| Satuwa ýaramly maýa goýumlary satyn almak | | (42) | (79) |
| Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň arassa yzyna gaýtmagy: | | (805) | (39,597) |
| **MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Karzlaryň (zaýom) alynmagy | | 2,489,325 | 3,086,484 |
| Alnan karzlaryň (zaýom) esasy möçberiniň tölenilmegi | | (732,676) | (437,474) |
| Maliýe işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň arassa gelip düşmegi: | | 1,756,649 | 2,649,010 |
| PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ ARASSA KÖPELMEGI | | 166,543 | 65,534 |
| Daşary ýurt walýuta nyrhynyň üýtgemeginiň pul serişdelerine we olaryň ekwiwalentlerine edýän täsiri | | 835 | (747) |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň başyna | 11 | 966,062 | 901,275 |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň ahyryna | 11 | 1,133,440 | 966,062 |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Ahmet Gylyçdurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2018-nji ýylyň 14-nji maýy
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Ogulşeker Sarjaýewa**
**Baş buhgalter**

2018-nji ýylyň 14-nji maýy
Aşgabat ş., Türkmenistan

12-57-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda getirlendir.